Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— MUKADDES GARAŞSYZLYK BIZIŇ ÄHLI ÖSÜŞLERIMIZIŇ, ŞÖHRATLY ÜSTÜNLIKLERIMIZIŇ BINÝADYDYR.

XXI ASYR — TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY!

BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№112 (99672) * 2021-nji ýylyň 18-nji sentýabry, şenbe.

PAÝTAGTYMYZYŇ GÖZELLIGI BILEN SAZLAŞÝAN AJAÝYP DESGA

16-njy sentýabrda eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda paýtagtymyzda ýene-de bir desganyň açylyş dabarasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Köpetdag şaýolunyň ugrunda bina edilen täze Döwlet münberiniň toplumy açyldy.

Ýurdumyzyň taryhyndaky şanly seneler mynasybetli dabaraly çäreleriň geçiriljek ýeri bolan bu toplum Aşgabadyň günorta böleginde kemala gelýän täze edara ediş-medeni merkeziň ajaýyp binagärlik toplumy bilen sazlaşykly utgaşdy.

Döwlet Baştutanymyzyň awtoulagy baýramçylyk äheňinde gurnalan, ak reňkli howa şarlary bilen bezelen derwezäniň öňündäki meýdançada saklanýar.

Sungat ussatlarynyň, paýtagtymyzdaky ýokary okuw mekdepleriniň döredijilik toparlarynyň çykyşlary dabara özboluşly baýramçylyk öwüşginini çaýdy. Olar Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzy wasp edýän köpöwüşginli aýdym-sazly çykyşlary taýýarladylar.

Dabaraly pursat gelip ýetýär. Hormatly Prezidentimiz ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda toý bagyny kesýär. Şeýlelikde, Döwlet münberi açylýar. Şol pursatda dürli reňkdäki howa şarlary asmana uçurylýar.

Milli Liderimiz Döwlet münberiniň binasyna barýar we onuň gurluşynyň hem-de bezeginiň aýratynlyklary bilen tanyşýar.

Täze desganyň ajaýyp keşbinde milli binagärligiň iň gowy däpleri hem-de häzirki zamanyň binagärlik çözgütleri ajaýyp sazlaşygy emele getirýär.

Bu toplum kaşaňlygy bilen haýran galdyrýar. Onuň umumy meýdany 20 müň 450 inedördül metre barabardyr, granit we ak mermer bilen örtülen bu toplum üsti gümmezli iki gatly binany, Prezident münberini hem-de myhmanlar üçin niýetlenen 2 müň orunlyk münberi öz içine alýar.

Bu ýerde dabaralar üçin niýetlenen, mermer bilen bezelen giň holl, myhmanlary kabul etmek hem-de dabaraly çäreleri geçirmek üçin niýetlenen zallar bar. Bezeglerde ulanylan milli öwüşginler hem-de hyzmat ediş zolagy bu desgalaryň tapawutly aýratynlygy bolup durýar.

Ýörite enjamlar, sanly tehnologiýalar bilen üpjün edilen täze toplumda köpçülikleýin çäreleri geçirmek hem-de olary onlaýn görnüşde şöhlelendirmek üçin ähli şertler döredilipdir.

Münberiň öňünde granit daşy bilen örtülen meýdança ýerleşýär. Onda dabaraly harby ýörişler hem-de ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň we durmuş toplumynyň gazanýan üstünlikleriniň gözden geçirilişi, şol sanda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli baýramçylyk çäreleri geçiriler.

Şeýle hem münbere gelýän üç kilometre golaý ýol çekildi. Onuň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyryldy, dürli görnüşli bag nahallary oturdyldy, bezeg gülleri ekildi, şeýle hem oňa ýanýoda çekildi we özboluşly yşyklandyryş ulgamy ornaşdyryldy.

Mälim bolşy ýaly, häzirki döwürde hem ahalteke bedewleri ähli milli baýramçylyklaryň bezegidir. Bedewler türkmenleriň wepaly ýoldaşyna, Watanymyzyň taryhynyň we iň täze eýýamyň özboluşly nyşanyna öwrüldi. Munuň özi täze Döwlet münberiniň toplumynyň taslamasynda hem göz öňünde tutulypdyr.

Bu ýerde Merkezi Aziýada iň uly 120 metrlik LED ekrany hem-de 8 sany 30 metrlik maçtalar oturdyldy. Mundan başga-da, merkezi binanyň günorta tarapynda dikuçar meýdançasy, awtoduralgalar we beýleki desgalar guruldy.

Hormatly Prezidentimiz toplumyň ikinji gatyna çykýar. Şol ýerden ak mermerli Aşgabadyň, onuň täsin binagärlik toplumlarynyň, döwrebap şaýollarynyň we köçeleriniň, seýilgähleriniň hem-de seýilbaglarynyň ajaýyp görnüşi açylýar.

Meýdançada sahnalaşdyrylan dabara başlanýar. Oňa paýtagtymyzyň döredijilik toparlary gatnaşýarlar. Aýdymçylar we sazandalar öz çykyşlarynda eziz Watanymyzy hem-de milli Liderimiziň beýik işlerini, täze taryhy eýýamyň ruhubelentligini, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda okgunly ösüş ýolunda gazanylan ägirt uly üstünlikleri, giň gerimli özgertmeleri, türkmen halkynyň jebisligini we bitewüligini wasp edýärler.

Soňra dabara gatnaşyjylaryň bilelikde ýerine ýetirmeginde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň döreden «Öňe, diňe öňe, jan Watanym Türkmenistan!» atly aýdym ýerine ýetirildi. Ýurdumyzyň meşhur sungat ussatlarynyň bilelikde ýerine ýetiren joşgunly aýdymy biziň güneşli ýurdumyzda halkymyzyň agzybirliginiň, jebisliginiň we bagtyýar durmuşynyň özboluşly senasyna öwrüldi.

Aýdym-sazlar, joşgunly tanslar ýörite döwrebap enjamlar hem-de sanly tehnologiýalar arkaly döredilýän täsin şekiller we ajaýyp görnüşler bilen sazlaşykly utgaşdy. Paýtagtymyzyň arassa asmanynda Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzyň milli gymmatlyklarynyň, döwlet nyşanlarynyň şekilleri peýda bolýar.

Köpöwüşginli çykyşlar soňky döwürde baýramçylyk dabaralarynyň esasyny düzýän dronlaryň şüweleňiniň ýatdan çykmajak pursatlary döredýändigini görkezdi. Innowasion tehnologiýalar ýurdumyzyň durmuşynyň ähli ulgamlaryna, şol sanda medeniýet we sungat ugurlaryna içgin ornaşýar. Bularyň ählisi häzirki döwürde Arkadag Prezidentimiziň gatnaşmagynda ýurdumyzda geçirilýän dabaralary hemmetaraplaýyn esasda we täzeçil usullar arkaly guramaga çemeleşmäniň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Dronlaryň şüweleňiniň feýerwerkleriň dürli reňkli öwüşginleri bilen utgaşmagy Döwlet münberi toplumynyň açylyş dabarasy mynasybetli guralýan çäreleriň ýatdan çykmajak pursatlara baý bolmagyny şertlendirdi. Feýerwerkiň köpöwüşginliligi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyplygyny hem-de mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny alamatlandyrdy.

Däp bolşy ýaly, ýurdumyzyň taryhyndaky şanly wakalar mynasybetli guralýan baýramçylyk feýerwerki paýtagtymyzyň asmanyny köpöwüşginli reňkler bilen ýagtylandyryp, şol günki dabaranyň ajaýyp pursatlaryna öwrüldi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýygnananlar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

«Balkan».

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

16-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi, onuň dowamynda döwlet durmuşynyň möhüm meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem möhüm pudaklaryň we tutuşlygyna milli ykdysadyýetimiziň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine gönükdirilen resminamalaryň taslamalarynyň birnäçesine garaldy.

Milli Liderimiz sanly ulgam arkaly geçirilýän mejlisiň gün tertibine geçip, ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Berdimuhamedowa söz berdi. Wise-premýer ýurdumyzyň wekiliýetiniň şu ýylyň 27-nji awgusty — 2-nji sentýabry aralygynda Birleşen Arap Emirliklerine bolan iş saparynyň netijeleri barada hasabat berdi.

Wise-premýer Abu-Dabiniň Ösüş gaznasynyň wekilleri bilen geçirilen duşuşygyň netijeleri boýunça taslamalaryň üçüsine maýa goýmak we karzlary çekmek boýunça resminamalara gol çekmek barada ylalaşylandygy barada hem hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiziň garamagyna Döwlet daşary ykdysady iş bankyna Abu-Dabiniň Ösüş gaznasy bilen ýurdumyzyň iri önümçilik taslamalaryna maýa goýmak hem-de Türkmenistanda maýa goýum edarasyny döretmek boýunça degişli işleri geçirmek baradaky teklip hödürlendi.

Döwlet Baştutanymyz Birleşen Arap Emirlikleriniň işewür toparlarynyň geljegi uly türkmen bazarynda eýeleýän ornuny pugtalandyrmaga gyzyklanmasynyň artýandygyny kanagatlanma bilen belledi. Munuň özi ýurdumyzda durmuşa geçirilýän öňdengörüjilikli maýa goýum syýasaty ýaýbaňlandyrylan toplumlaýyn özgertmeler maksatnamalary we taslamalary bilen şertlendirilendir. Şol maksatnamalar bolsa ýurdumyzy senagatlaşdyrmaga hem-de öňdebaryjy tehnologiýalary we işläp taýýarlamalary ornaşdyrmagyň esasynda döwrebap senagat düzümini döretmäge gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiz gurluşyk pudagynyň we himiýa senagatynyň ösdürilmegini ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda görkezip, esasy ugurlarda, hususan-da, gurluşyk serişdelerini hem-de himiýa senagatynyň önümlerini öndürmek ulgamynda gatnaşyklaryň täze görnüşlerini işläp taýýarlamagyň mümkinçiliklerine garamagy tabşyrdy.

Özara bähbitli söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk üçin bar bolan ägirt uly kuwwatdan hem-de mümkinçiliklerden netijeli peýdalanmak milli we sebit bähbitlerini amala aşyrmak üçin wajypdyr. Milli Liderimiz gazanylan ylalaşyklary üstünlikli durmuşa geçirmegiň ähmiýetini belläp, wise-premýeriň hödürlän teklibini makullady we göz öňünde tutulan çäreleriň öz wagtynda hem-de takyk ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow gözegçilik edýän ýangyç-energetika toplumynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy we täze nebitgaz ýataklaryny gözlemek, ýüze çykarmak hem-de özleşdirmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasy hödürlenildi. Oňa laýyklykda, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň Balkanýaka zolagynyň Goturdepe ýatagynyň Gündogar böleginde 3D ölçegli hem-de Günorta Burun meýdançasynda 2D ölçegli gözleg-barlag işlerini geçirmek meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz nebitgaz toplumyny mundan beýläk-de sazlaşykly ösdürmek hem-de serişde binýadyny pugtalandyrmak, pudaklaýyn kärhanalaryň we guramalaryň önümçilik meýilnamalaryny ýerine ýetirmekleri üçin ähli zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz degişli Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi hem-de bu ugurda öňde durýan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew Balkan atçylyk sport toplumynyň çapuw ýodasynyň durkuny täzelemek barada hasabat berdi. Geljek ýylda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň garamagyndaky Balkan atçylyk sport toplumynda baýramçylyk çärelerini we at çapyşyklaryny geçirmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna «Berk ýol» hojalyk jemgyýeti bilen abatlaýyş işlerini geçirmek we bellenilen wezipeleri 2022-nji ýylyň aprel aýynda tamamlap, çapuw ýodasyny ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak şerti bilen şertnamany baglaşmak hakyndaky teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz ýelden ýüwrük we gözelligiň, kämilligiň nusgasy hasaplanylýan ahalteke bedewleriniň türkmen döwletiniň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründäki okgunly ösüşiniň aýdyň nyşanyna öwrülendigini belledi.

Milli Liderimiz degişli Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we geljek ýylda Balkan welaýatynda geçiriljek Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralaryň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek boýunça hemmetaraplaýyn taýýarlyk görmek barada degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow ýurdumyzyň himiýa önümçilikleriniň kuwwatlyklaryny artdyrmak boýunça geçirilýän çäreler barada hasabat berdi.

(Dowamy 2-nji sahypada).

MILLI KANUNÇYLYGY MUNDAN BEÝLÄK-DE ÖSDÜRMEK MÖHÜM WEZIPEDIR

15-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow adalat ministri B.Muhamedow bilen Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde milli Liderimiziň beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek bilen baglylykda, milli kanunçylygy mundan beýläk-de ösdürmegiň meselelerine bagyşlanan iş maslahatyny geçirdi.

Iş maslahatynda adalat ministri raýatlaryň konstitusion hukuklaryny we azatlyklaryny ygtybarly goramak, kanunylygy üpjün etmek üçin kanunçykaryjylyk we hukuk iş tejribesi babatda bir bitewi döwlet syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmäge gönükdirilen işler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz dünýäde täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen baglylykda, energetika ulgamynda utgaşdyrma işiniň ýokary hilli alnyp barylýandygyny belledi. Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda bu iş sebitde we tutuş dünýäde ykdysady bäsdeşligi mundan beýläk-de güýçlendirmäge ukyplydyr. Şunuň bilen baglylykda, milli Liderimiz ýurdumyzyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen kanunçylyk usullaryny işläp taýýarlamagyň zerurdygyny aýtdy.

Türkmenistan raýatlaryň saglygyny goramak babatda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan amala aşyrylýan halkara hyzmatdaşlyga işjeň gatnaşýar hem-de adamyň ömrüni we saglygyny gorap saklamaga döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde garaýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi. Şoňa görä-de, milli Liderimiz saglygy goraýyş babatda, şeýle hem bütindünýä pandemiýasy ýaly ählumumy howplara garşy göreşmek babatda kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleriň mundan beýläk-de dowam etdirilmelidigini nygtady.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda sanly ulgamyň işjeň ornaşdyrylmagy bilen bagly hukuk meselelerini göz öňünde tutýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taýýarlanylmagy dowam etdirilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz bu ugurda ähli döwlet edaralarynyň yzygiderli iş alyp barmalydygyny belledi.

Halkara tejribede içerki we daşarky maýa goýujylar üçin özüne çekiji ýagdaý bolan hökümete dahylsyz halkara täjirçilik arbitraž kazyýetleriniň döredilmegi üçin Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň ýanynda Halkara täjirçilik arbitraž merkezini döretmek boýunça işler esasy ugurlaryň hatarynda görkezildi.

Milli Liderimiz raýatlarymyza ýokary hilli hukuk kömegini bermek, fiziki we ýuridik şahslaryň hukuklaryny, kanuny bähbitlerini netijeli hem-de ygtybarly goramak maksady bilen, Hukukçylaryň hünär kämilleşdiriş merkezini döretmek boýunça işleri alyp barmagy, şeýle hem ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň we goňşy döwletleriň tejribesinde bar bolan «Bir penjire» goşulmalaryny ulanmagy has-da kämilleşdirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow başy başlanan özgertmeler syýasatymyzy we ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ýokary depginler bilen ösdürmegi öz öňümizde baş maksadymyz edip goýýarys diýip belledi. Şunuň bilen baglylykda, ähli tagallalar döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň, her şahsyýetiň sazlaşykly ösüşini we bähbitlerini üpjün edýän kanunlary işläp taýýarlamaga ýardam etmelidir.

Geçirilýän giň gerimli işler ýurdumyzyň hukuk ulgamyny berkitmäge we kämilleşdirmäge, parahatçylygy we dostlugy üpjün etmäge, halkara guramalar hem-de dünýäniň dürli döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilmelidir diýip, milli Liderimiz hukuk taýdan toplumlaýyn we yzygiderli düzgünleşdirmegi doly üpjün etmegiň geljek ýyllar üçin esasy wezipeleriň biri bolmalydygyny aýtdy hem-de degişli tabşyryklary berdi.

«Balkan».

TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Hormatly Prezidentimiz himiýa toplumlarynyň bökdençsiz işlemeginiň üpjün edilmeginiň hem-de doly önümçilik kuwwatyna çykarylmagynyň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýere «Tejenkarbamid» zawodynyň durkuny täzelemek boýunça daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen şertnama baglaşmak baradaky meseläni ýene bir gezek içgin öwrenmek hem-de soňra oňa garamak üçin degişli düzümlere ibermek tabşyryldy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew «Türkmenistanyň demir ýol ulagynyň Tertipnamasynyň» taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna ýurdumyzyň çäginde demir ýol ulaglarynda ýükleri daşamak üçin kämilleşdirilen ýol resminamasyny ulanmak bilen baglanyşykly teklip hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini ösdürmek üçin demir ýol düzümleriniň häzirki zaman desgalarynyň kuwwatyny doly peýdalanmagyň, demir ýollar arkaly daşalýan ýükleriň mukdaryny artdyrmagyň zerurdygyna ünsi çekdi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz pudaklaýyn düzümleri döwrebaplaşdyrmagyň, oňa täzeçil tehnologiýalary ornaşdyrmagyň wajypdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli guraljak giň möçberli serginiň geçirilmegine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Sergiler ýetilen sepgitleri görkezmek, netijeli mahabat işlerini alyp barmak, täze hyzmatdaşlary tapmak we şertnamalary baglaşmak hem-de bazar meýillerini öwrenmek we onda eýeleýän ornuny pugtalandyrmak üçin oňyn mümkinçiligi üpjün edýär. Şoňa görä-de, innowasion tehnologiýalar we täzeçil usullar önümçilige has işjeň ornaşdyrylmalydyr diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Milli Liderimiz bu ugurda alnyp barylýan işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak we giň möçberli serginiň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy mynasybetli 27-nji sentýabrda guraljak baýramçylyk dabaralarynyň maksatnamasy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly senesiniň biziň ählimiz üçin aýratyn many-mazmuna hem-de uly ähmiýete eýedigini belledi. Bu sene beýik özgertmeleriň aýdyň beýanydyr. Häzirki wagtda şol özgertmeleriň netijelerini her ädimde görmek bolýar.

Milli Liderimiz öňümizdäki dabaralaryň maksatnamasynyň çuňňur oýlanyşykly bolmalydygyna ünsi çekip, meýilleşdirilen ählі çäreleriň gadymdan gelýän milli däp-dessurlary, häzirki döwürde tutuş türkmen topragyny gurşap alan giň gerimli özgertmelere beslenen täze taryhy eýýamyň döredijilik ruhuny beýan etmelidigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýurdumyzyň baş baýramy mynasybetli dabaralaryň, şol sanda täze binagärlik desgalaryň açylyş dabaralarynyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Toýlyýew bilim ulgamyny kämilleşdirmek, hususan-da, döwlet hünär bilim edaralary hakynda Düzgünnamalaryň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça geçirilen işler barada hasabat berdi.

Milli Liderimiz hünär bilimini yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini aýtdy. Giň gözýetimli hem-de hünär başarnyklaryny ele alan ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ylym we bilim ulgamynyň öňünde goýlan baş wezipeleriň biridir.

Hormatly Prezidentimiz ýaş nesle halkara ölçeglere gabat gelýän ýokary hilli bilim berilmeginiň Watanymyzyň nurana geljegine goýlan düýpli maýa goýumdygyny aýdyp, wise-premýere bu ugurda alnyp barylýan işleriň barşyna berk gözegçilik etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Aral boýunça Türkmenistanyň Milli maksatnamasynyň taslamasynyň taýýarlanylandygy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Aral deňzini halas etmek boýunça hereketleriň toplumlaýyn strategiýasyny taýýarlamaga işjeň gatnaşýandygyny nygtady. Bu meseläniň diňe bir sebitde däl, eýsem, ählumumy möçberde ägirt uly ähmiýetiniň bardygyny bellemek gerek.

Bu barada aýtmak bilen, milli Liderimiz ýurdumyzyň Aral deňziniň guramagynyň ýaramaz täsiriniň öňüni almak, sebitiň we tutuş dünýäniň durnukly ösüşiniň möhüm şerti hökmünde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça halkara bileleşigiň tagallalarynyň utgaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berýändigini nygtady.

Biziň ýurdumyz durmuş-ykdysady, ynsanperwer we ekologiýa ulgamlarynda giň gerimli maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmek bilen, geljekde hem Aral meselesiniň ileri tutulýan ugurlaryny oňyn çözmek boýunça netijeli hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine hemmetaraplaýyn ýardam berer diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Aral boýunça Milli maksatnamanyň hödürlenilen taslamasyny makullap, wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda degişli toplumlaýyn işleri dowam etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Türkmenistanyň Prezidentiniň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň Baştutanlarynyň Duşenbe şäherinde geçiriljek sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmak üçin Täjigistan Respublikasyna saparyna görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi. Saparyň maksatnamasynyň çäklerinde milli Liderimiz ikitaraplaýyn duşuşyklary hem geçirer.

Döwlet Baştutanymyz Bitarap Türkmenistanyň geljekde hem gyzyklanma bildirýän ählі daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen köpugurly hyzmatdaşlygyň strategiýasyny durmuşa geçirmek bilen, oňyn sebit we ählumumy gatnaşyklary işjeňleşdirmäge anyk goşant goşjakdygyny belledi.

Hormatly Prezidentimiz Duşenbe şäherinde geçiriljek ŞHG-niň sammiti barada aýtmak bilen, türkmen tarapynyň şeýle forumlara yzygiderli gatnaşmagynyň iri halkara guramalar bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga hem, döwletara derejede netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem ýardam berýändigini nygtady. Şunda milli Liderimiz Türkmenistanyň ŞHG-ä agza ýurtlaryň ählisi bilen gatnaşyklarynyň däp bolan dostlukly we netijeli häsiýete eýedigini kanagatlanma bilen belledi.

Döwlet Baştutanymyz türkmen-täjik gatnaşyklarynyň dost-doganlyk häsiýetine eýedigini aýratyn belledi. Täjigistan Respublikasynyň Prezidentiniň Türkmenistana ýakynda amala aşyran döwlet sapary hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine täze itergi berdi.

Milli Liderimiz wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna Täjigistan Respublikasyna boljak sapara taýýarlygyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow mejlisiň dowamynda «Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky (Nýu-Ýork şäheri) Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasynyň meseleleri hakynda» Karara gol çekdi we ony sanly ulgam arkaly wise-premýere, daşary işler ministrine iberdi hem-de onda bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek barada degişli görkezmeleri berdi.

Mejlisiň dowamynda şeýle hem döwlet durmuşynyň käbir beýleki meselelerine garaldy, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

* * *

Soňra hormatly Prezidentimiz hödürlenen taslamalara garady.

Aşgabatda täze Döwlet münberiniň toplumynyň gurulmagy bilen, milli Liderimiziň ozal beren tabşyryklaryndan ugur alnyp, ozalky münberiň durkuny täzeläp, ony döwrebaplaşdyryp, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Oguzhan» köşkler toplumynyň Işewürlik merkezine öwürmek boýunça birnäçe teklip taýýarlanyldy.

Fransuz kompaniýasynyň wekili döwlet Baştutanymyza taýýarlanylan taslamalar hem-de geçirilýän degişli işler barada habar berdi. Täze Işewürlik merkezi şäheriň bu künjegindäki desgalar bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirer, Türkmenistanda hususy pudagyň ösdürilmegine döwlet tarapyndan uly ähmiýet we goldaw berilýändiginiň aýdyň subutnamasyna öwrüler.

Milli Liderimiz taslamalar bilen tanşyp, olara birnäçe bellikleri aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Hormatly Prezidentimiz soňky ýyllarda ýurdumyzda işewürlik gatnaşyklarynyň ösüşiň täze derejesine çykandygyny belläp, täze desgada gurluşyk işleriniň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini hem-de işleriň bellenilen möhletde tamamlanylmagyny üpjün etmegiň möhümdigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz täze Döwlet münberiniň toplumynyň açylmagy bilen, ozalky Döwlet münberini Işewürlik merkezine öwürmek baradaky teklibiň maksadalaýykdygyny aýdyp, bu ugurda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi üçin ählі zerur çäreleri görmegi tabşyrdy.

«Balkan».

RESMI HABARLAR

«Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyna» laýyklykda, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň öňünde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasyna Günbatar Türkmenistanyň Balkanýaka zolagynyň Goturdepe ýatagynyň gündogar böleginde 3D ölçegli gözleg-barlag işlerini hem-de Günorta Burun meýdançasynda 2D ölçegli gözleg-barlag işlerini geçirmek barada Singapuryň «Yug-Neftegaz Private Limited» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

* * *

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen halkynyň milli buýsanjy we baýlygy bolan behişdi bedewlerimiziň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak hem-de Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Türkmen atlary» döwlet birleşigine Balkan atçylyk sport toplumynyň çapuw ýodasynyň durkuny täzelemek we oňa döwrebap örtügi düşemek boýunça işleri ýerine ýetirmek barada «Berk ýol» hojalyk jemgyýeti bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

Durkuny täzelemek işlerine 2021-nji ýylyň sentýabr aýynda başlamak we çapuw ýodasyny 2022-nji ýylyň aprel aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak bellenildi.

* * *

«Diplomatik gulluk hakyndaky» we «Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň statusy hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasyny işgärler bilen berkitmegi we olaryň öz üstüne ýüklenen wezipelerini netijeli ýerine ýetirmegini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Birleşen Milletler Guramasynyň ýanyndaky (Nýu-Ýork şäheri) Türkmenistanyň Hemişelik wekilhanasyny 2021-nji ýylda saklamak üçin çykdajylaryň sanawy hem-de şu wekilhananyň wezipe sanawy tassyklanyldy.

Daşary işler ministrligine Adalat ministrligi bilen bilelikde karardan gelip çykýan üýtgetmeleri we goşmaçalary Türkmenistanyň kanunçylygyna girizmek baradaky teklipleri bir aý möhletde taýýarlamak we Ministrler Kabinetine bermek tabşyryldy.

(TDH)

GARAŞSYZ WATANDA ILLER BAGTYÝAR

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata Watanymyzda toý-baýramlar goşa-goşadan gelýär. Ýene-de sanlyja günden baş baýramymyz bolan ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygyny uly buýsanç bilen toýlarys.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda asyrlara barabar işler amala aşyryldy we häzirki ajaýyp zamanamyzda hem şeýle döwletli işler ýokary depginde dowam etdirilýär. Hormatly Prezidentimiziň hoşniýetli we parahatçylyk söýüji syýasaty netijesinde döwletimiziň abraý-mertebesi arşa galýar. Amala aşyrylýan belent tutumlar halkymyzyň nurana ertirlerine gönükdirilendir. Şeýle-de, sporty we bedenterbiýäni ösdürmek, sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek ýurdumyzda asylly däbe öwrüldi. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş taglymatdan ugur alnyp, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini gowulandyrmak boýunça maksatnamalaryň yzygiderli durmuşa geçirilmegi her birimizi begendirýär, buýsandyrýar. Ýurdumyzda gazanylýan ösüşleriň, ýetilýän sepgitleriň ählisi Garaşsyzlygymyzyň şirin miweleridir.

«Mukaddes Garaşsyzlyk biziň ählі ösüşlerimiziň, şöhratly üstünliklerimiziň binýadydyr» diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolup, alyp barýan beýik işleri rowaç alsyn!

Aýgül MURUNOWA,
Balkanabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.

DOST-DOGANLYK GATNAŞYKLARYNYŇ MÖHÜM UGRY

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly, öňdengörüjilikli baştutanlygynda Watanymyzyň abraýy, şan-şöhraty dünýä dolýar. Bu bolsa biziň her birimizi örän buýsandyrýar. Bitaraplyk syýasatymyz dünýäde parahatçylygy ösdürmekde uly ähmiýete eýedir. Şonuň üçin parahatçylyk ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugruny kesgitleýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji maslahatynda «2021-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Şeýle möhüm resminamalaryň kabul edilmegi durnukly ösüşiň hatyrasyna meseleleri çözmegiň ygtybarly ýollaryny tapmaga mümkinçilik berýär.

Eziz Watanymyz dünýäniň ählі döwletleri we iri halkara guramalary bilen özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmakda uly tagallalary edýär. Bu gün Ýer ýüzünde parahatçylygyň, agzybirligiň, dost-doganlygyň mekany hökmünde giňden tanalýan eziz Diýarymyz belent ösüşlere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda syýasy, ykdysady we medeni taýdan uly ösüşler gazanylýar, umumadamzat ähmiýetli beýik işler durmuşa ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň peşgeş beren bagtyýarlyk döwründe eziz Diýarymyzda toýlar toýa ulaşýar. Dabarasy dünýä dolýan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk toýy beýik işlerimizi, parahatçylyk söýüjilik syýasatymyzy dünýä ýüzüne ýaýar.

Goý, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli beýik işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun!

Röwşen TYRRYKOW,
Balkanabat şäher kazyýetiniň kazysy.

DILLERDE AJAÝYP DÖWRÜMIZIŇ WASPY

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli merkezi kitaphanamyzda guran söhbetdeşligimiz «Garaşsyzlyk bilen ýurdumyz aman, Arkadagymyz berdi bagtyýar zaman» diýlip atlandyryldy.

«Garaşsyzlyk gaýduwsyz hem merdana türkmen halkynyň asyrlar boýy yüreklerinde beslän arzuw-umytlarynyň, erk-isleglerініň amala aşmasydyr, milli ruhunyň täzeden dabaralanmasydyr, halkyň bagtyýar ertirine, müňýyllyklara uzaýan ak ýoludyr. Türkmen halkyny baky bagtyýarlyga ýetiren Garaşsyzlyk güni taryha altyn harplar bilen ýazyldy. Şonuň üçin hem türkmen halky bu günki gün Garaşsyzlygyň nädereje gymmatlydygyna düşünýär we oňa mukaddeslik hökmünde garaýar» diýlip, buýsanç bilen nygtalan çärede Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri, ýeten belent sepgitleri barada giňişleýin söhbet edildi. Halkymyzy eşretli durmuşda ýaşadýan, dünýäde asudalygyň, parahatçylygyň giňden dabaralanmagyna gönükdirilen beýik işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimize alkyşly sözler aýdyldy.

Söhbetdeşligiň ahyrynda Gahryman Arkadagymyzyň eserlerine bagyşlanan kitap sergisine syn edildi.

Amanbibi GARAWOWA,
Hazar şäheriniň merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.

GÖWÜN GIŇÄR, GÖZ DOÝMAZ ÇYKSAŇ LÄLEZARLYGA

Örän şowly çykan saz Atageldi Garýagdyýewiň mahmal owazy bilen utgaşyp, seni, aýdylyşy ýaly, ýüpsüz baglar:

«Bahar meýlisinde çyksaň seýrana,
Türkmen sährasynyň aldyr gülleri.
Başyň sypap, seni goýar haýrana,
Belent daglaryndan öwser ýelleri...»

Sen hem aýdym diňleýänsiň, hem-de hyýalyňda deň-duşlar bilen sähra gezelenje çykansyň. Hoşroý ysly ot-çöpler, gözelligiň waspyny ýetirýän guşlar, asyrlaryň dowamynda şol bir durkunda howalanyp oturan, Ýeriň myhy saýylýan dag, päkize asman... — ählі zat şeýle bir ýürege ýakyndyr. Olary gözüň bilen gujaklaýansyň...

Şahyr hökmünde tanalýanlaryň tebigat hakda goşgy ýazmadygy ýokdur diýip, arkaýyn aýtsa bolar. Sebäbi ol — ince duýguly adamlarda ajaýyp pikirleri oýarýan gudrat.

«Tebigat — adamyň bir synasy» diýlip, elbetde, ýöne ýere aýdylanok. Dünýä döräli bäri, ynsan tebigat bilen sazlaşykly gatnaşyk saklap gelýär. Şahyryň: «Sallançakdan düşüp, meýdana gitdim» diýşi ýaly, adam gadymy hem müdimi toprakda ýöräp başlaýar, kämil çykyp, onuň keramatly hasap edilýän zatlaryň hatarynda durýandygyna düşünýär. Ýyllar oňa öz gujagyndan orun beren tebigata kast etse, hiç wagtda baýnamajakdygyny öwredýärler. Ynsan tebigaty beýgeltmek arkaly özüni beýgeldýär. Bu — ýaşaýşyň kanuny.

Gyş geçer-de, läle-reýhan bolup ýaz geler. Şol bir günlerden, şol bir görnüşden ýadan adam: «Hany, başymyzy jemläp, meýdana çykmarysmy?» diýen sowaly şatlyk bilen kabul eder. Sebäbi oňa tebigat täsinligi garaşýar.

Näzik duýguly, päkize göwünli bagşy ýigit: «Agam, golaýda daga gezelenje gitdik. Çaý-nahar edinenimizden soň, ýeke özüm töwerege aýlandym. Bir ýere ýetenimde, doňup galdym. Aşakda, al-ýaşyl öwsüp oturan meýdançada ýany tokgarlyja üç-dört keýik otlap ýör. Ýüzin düşdüm-de, synlap ýatdym. Men ýaş mahalym awçy bolmak isläp, ýarag edinmek üçin degişli ýere ýüz tutupdym. Bu habar dädeme ýetipdir. Ol maňa: «Oglum, biziň tohumymyzda kişiniň gepini çekýäni ýokdur, hemmesi ýüreklidir. Ýöne olaryň hiç biri dilsiz-agyzsyz jandara tüpeň gezemäge ýürek edip bilýän däldir. Bu babatda «gorkakdyrlar». Senem bu pişäniň golaýyna barmasaň, gowy boljak ýaly» diýipdi. Men onuň maslahatyna eýeripdim. Dogrudanam, şol pursatda olary asla atyp biljek däldim. Saňa ýalan, maňa çyn, keýiklerdir olaryň tokgarjyklaryny synlap ýatyşyma, gözümden boýur-boýur ýaş syrgýardy» diýip, maňa gürrüň beripdi.

Hawa, tebigat bizi güldürişi ýaly, duýgymyza täsir edip, agladybam bilýär.

Tebigat asyrlaryň dowamynda ynsana bal ýaly suwuny, naz-nygmatlaryny hödürläp gelýär. XVIII asyrda güneşli ülkämiziň Ahal, Mary, Daşoguz, Lebap ýaly ýerlerinde ekerançylygyň ösendigini taryhy maglumatlardan bilýäris. Ýöne Hazar deňziniň kenarynda-da ýagdaý şeýleräk eken diýilse, elbetde, geňräk görner. Balykçylyk ösüpdir diýilse, başga gep. Emma 1726-njy ýylda Hazar deňziniň kenaryny öwrenen rus syýahatçysy F.I.Soýmonow: «Bu ýerde türkmenler bugdaý, şaly we hatda gowaça-da ekýärler» diýip ýazypdyr. «Türkmenler adalarda üzüm, gawun, hyýar, käşir, sogan we beýleki gök ekinleri ýetişdirýärler» diýip, iňlis kapitany Budruf belläpdir. Şeýle-de, biziň ülkämize gelen syýahatçylar Hazaryň kenarynda guşlaryň, aýratynam, keýikleriň juda köpdügine haýran galypdyrlar.

Gözel tebigata söýgi bilen garamak — biziň ata-babalarymyzdan galan ajaýyp häsiýet. Rus tebigaty öwrenijisi M.Petrow 1942-nji ýylda welaýatymyzyň Bereket etrabyndan Esenguly etrabynyň Çekişler obasyna çenli aralykda müňden gowrak keýigiň duş gelendigini haýran galyjylyk bilen ýazgy edipdir. Beýleki bir rus tebigaty öwrenijisi Ý.Klýuşkin bolsa geçen asyryň başlarynda Ýasganyň kenarynda ösüp oturan derekleriň üç ýüz elliden gowragynyň bolandygy barada maglumat galdyrypdyr. Şeýle mysallaryň köpdügini bellemek gerek.

Häzirki wagtda ýurdumyzda tebigaty gorap saklamak, onuň baýlyklaryny rejeli peýdalanmak, suw, Ýer we biologik serişdelerini gaýtadan dikeltmek, howanyň hapalanmagynyň öňüni almak, çölleşmä garşy göreş alyp barmak, tokaý zolaklaryny giňeltmek boýunça maksatnamalaýyn çäreler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda daşky gurşawy goramak meselesi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Güneşli ülkämizde tebigat gözelligi durmuş gözelligi bilen sazlaşýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda paýtagt şäherimiz Aşgabatdan başlap, welaýatlarymyzyň hemmesi gyşyn-ýazyn gül öwsüp otyr. Göýä bahar pasly ýurdumyzda hiç mahal sowulmaýan ýaly ajap duýgy döredýär. Halkyň yhlasy, Watanyna bimöçber söýgüsi bilen, her ýyl agaç nahallarynyň müňlerçesi oturdylýar. Uzap ýatan gara ýollaryň iki gyrasyndaky, edara-kärhanalaryň öňündäki meýdançalardaky saýaly baglary, dürli görnüşdäki gülleri synlanyňda göwnüň göterilýär.

Hormatly Prezidentimiziň: «Tebigaty söýmek, ene topragy söýmek — bu eziz Diýaryňy, mähriban Watanyňy söýmekdir. Watana bolan söýgi biziň ählі üstünliklerimiziň we ýeňişlerimiziň gözbaşydyr» diýen sözleri ýurduň raýatlarynyň her birini mähriban Watanymyza, täsin tebigatymyza bolan söýgä ruhlandyrýar, şeýle-de, ony gözüň göreji deýin goramaga borçlandyrýar.

Türkmenistan daşky gurşawy goramak ugrunda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek arkaly Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde ekologiýanyň ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça bilelikdäki çäreleri durmuşa geçirmäge netijeli gatnaşýar.

Ýurdumyzda çölleşmek meselesiniň oňyn çözülmegine, suwuň rejeli peýdalanylmagyna, ilatyň agyz suwuna bolan isleginiň gowulandyrylmagyna gönükdirilip geçirilýän çäreler örän ähmiýetlidir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Garagum sährasynda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagy taryhy ähmiýetli wakadyr. Bu köl suwarylýan ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak we ilaty ýokary hilli agyz suwy bilen üpjün etmek, şeýle-de, suw howdanynyň ýagdaýyny gowulandyrmak meselelериniň çözülmegini öz içine alýar.

Mähriban Watanymyzyň beýleki welaýatlarynda bolşy ýaly, biziň welaýatymyzda-da gözel ýerler kän. Gözel Sumbarda, Balkan dagynda, Hazaryň kenarynda... bir gezek bolup gören adam ol ýerleri gaýtadan küýseýär. Hormatly Prezidentimiziň yhlasy, halkymyzyň saglygy hakdaky aladasy netijesinde dörän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy halkymyzyň guwanjyna we buýsanjyna öwrüldi. Gaýtalanmajak gözellige eýe bolan bu ajaýyp mesgen medeniýetli dynç alynýan ýer bolmak bilen bir hatarda, dostlukly döwletleriň arasynda derwaýys meselelериň çözülýän ýerine-de öwrüldi.

Ekologiýa abadançylygy — sagdynlygyň girewi. Tebigat bilen özara gatnaşykda deňagramlylygyň, sazlaşygyň saklanmagy zerur. Bu bolsa adamlardan ekologiýa medeniýetliligini talap edýär. Munda pähimli ata-babalarymyzyň däp-dessurlarynyň içgin öwrenilmegi, wagyz edilmegi derwaýysdyr. Agaç nahallaryny oturtmak, daşky gurşawa aýawly garamak, tebigatyň gözelligine gözellik goşmak arkaly ýaş nesle terbiýe bermek biziň her birimiziň borjumyzdyr.

Amanmyrat KIÇIGULOW,
«Balkan».

SAGDYN ÇAGA — BAGTYÝAR ENE

Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Etrek etrap birleşmesi bilen bilelikde «Sagdyn çaga — bagtyýar ene» ady bilen wagyz-nesihat duşuşygyny geçirdik. Saglyk we bilim işgärleriniň, ýaş çagaly eneleriň we ýaşlaryň gatnaşmaklarynda geçen çärede geljegimiz we guwanjymyz bolan çagalaryň sagdyn bolmaklary ugrunda ýadawsyz işleriň alnyp barylýandygy, ýaş nesilleriň edep-terbiýeli, kämil, ilhalar adamlar bolup ýetişmekleri üçin ýurdumyzda dünýä ülňülerine gabat gelýän orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň, bedenterbiýe we sport desgalarynyň gurlup, ulanylmaga berilýändigi, çagalaryň ajaýyp durmuşda ösüp kemala gelmegi ugrunda ähli mümkinçilikleriň döredilýändigi dogrusynda giňişleýin gürrüň edildi. Çäräniň dowamynda oňa gatnaşanlar Gahryman Arkadagymyzyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw etdiler.

Rahmanberdi ABDYLWELIÝEW,
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Etrek etrap geňeşiniň başlygy.

SPORT — SAGLYGYŇ SAKASY

Ynsan saglygyny goramak, sagdyn durmuş ýörelgelerini rowaçlandyrmak, bedenterbiýäni we sporty ösdürmek babatynda ýurdumyzda alnyp barylýan ägirt uly işler dünýä nusgalykdyr. Ajaýyp zamanamyzda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde bedenterbiýe we sport adamlaryň bagtyýar durmuşyny üpjün etmegiň möhüm şertleriniň biri bolup öňe çykdy. Muňa hormatly Prezidentimiziň: «Men adam hakyndaky aladalary bedenterbiýe we sport babatda döredilen esasy şertleriň, şolar esasynda sagdyn durmuş ýörelgeleriniň kemala gelmegi bilen bitewülikde görýärin» diýen sözleri hem bütin aýdyňlygy bilen güwä geçýär. Gahryman Arkadagymyzyň sagdyn durmuş ýörelgesine eýermekde, sport bilen yzygiderli meşgullanmakda görkezýän göreldesi bolsa ýurdumyzyň her bir raýaty üçin nusgalyk mekdep bolup durýar.

Arkadag Prezidentimiz öz ajaýyp eserlerinde hem her bir adama sagdyn durmuş ýörelgelerine eýerip, bagtyýar, ruhubelent ýaşamaklygy ündeýär. Şol esasdan, her bir türkmenistanly bu ündewlere eýermekligi borjy saýyp, sagdyn durmuş ýörelgesini gündelik durmuş kadasyna öwürýär. Munuň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda hem dowamat-dowamdygy bolsa buýsandyryjy hakykatdyr.

Aýlar MÄMMEDOWA,
Magtymguly etraby, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň işjeň agzasy.

Baş baýlygyň goragynda

- Otaglary we olardaky mebelleri, gapylaryň tutawaçlaryny, pollary zyýansyzlandyryş serişdeleri bilen yzygiderli arassalap durmaly.
- Şahsy arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmeli.
- Agyz-burun örtügini doly we dogry dakynmaly.
- Diňe gaýnadylyp sowadylan suwy içmeli.
- Paslyň aýratynlyklaryna görä geýinmeli.
- Antiseptiki serişdeler bilen elleri zyýansyzlandyrmagyň mikroblardan goraýandygyny ýatdan çykarmaly däl.

PAGTA ÝYGYMY MÖWSÜMINDE ÝANGYN HOWPSUZLYK DÜZGÜNLERI

Häzirki wagtda pagtaçy daýhanlaryň durmuşynda möhüm hem-de jogapkärli döwür — pagta ýygymy möwsümi dowam edýär. Ýetişdirilen bol hasyly ýangyn howpundan goramak hem örän jogapkärli meseledir.

Harmanlar ýaplara, suw howuzlarydyr beýleki suw çeşmelerine golaý ýerde bolmalydyr. Golaýda suw çeşmesi bolmadyk ýagdaýynda harmanlaryň çäginde elli kub metr möçberden az bolmadyk suw howuzlary gurnalmalydyr. Pagtanyň guradyljak ýeri asfaltlanan bolmalydyr ýa-da bu iş takyr ýerlerde amala aşyrylmalydyr. Pagtany köçeleriň ugrunda guratmak gadagandyr.

Harmanlar ýaşaýyş jaý toplumlaryndandyr beýleki binalardan 150 metr uzaklykda hem-de ýokary kuwwatly elektrik geçirijilerinden aradaşlykda ýerleşdirilmelidir. Pagta saklanýan ýerler bilen arassalaýjy-guradyjy sehleriň arasynda 30 metrden az bolmadyk ýangyna garşy araçäkler saklanylmalydyr. Arassalaýjy-guradyjy sehlerde ýangyn howply kebşirleýiş işlerini geçirmeklik meýilleşdirilende, ol ýerde iş doly saklanylyp, işleriň geçiriljek ýeriniň daş-töweregi ýanyjy materiallardan doly arassalanmalydyr, ilkinji ýangyn söndüriji serişdeleri bolan suw, çäge, ot söndürijiler bilen üpjün edilip, pudaklaýyn ýangyn goragynyň ýa-da meýletin ýangyn gorag

toparynyň gözegçilik etmeginde amala aşyrylmalydyr.

Pagta hasylyny kabul ediji harmanhanalarda, pagta arassalaýjy kärhanalarda işleýän adamlar işe goýberilmezinden öň, olaryň tehniki taýdan ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň talaplaryny doly we dogry berjaý edýändigi barlagdan geçirilmelidir. Barlagyň netijesi esasynda delilnama düzülip, şol ýerlerde işlejek işgärler bilen ýangyn howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmek boýunça düşündiriş, wagyz-nesihat işleri geçirilmelidir.

Pagta saklanýan bassyrmalarda elektrik yşyklandyryjy çyralaryny gurnamak gadagandyr. Ol ýerde iş geçirilýän wagty bassyrmalara çenli 5 metr aralykda wagtlaýyn elde göterilýän çyralar ulanylyp bilner. Ýapyk görnüşli pagta saklanýan jaýlarda elektrik enjamlary jaýyň daşynda, ýanmaýan diwarynda gurnalmalydyr.

Harmanlaryň, kärhanalaryň çäginde açyk ot ulanmak gadagandyr. Olaryň çägi gury haşal otlardan, galyndylardan öz wagtynda arassalanmalydyr. Ol ýerlerde bellenen möçberden köp mukdarda pagtany saklamak bolýan däldir.

Myrat KAKAJYKOW,
welaýat Polisiýa müdirliginiň ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 305-nji ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçiligi boýunça uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.

Hormatly müşderiler!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli «Altyn Asyr», «Goýum bank karty» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen, töleg terminallarynyň üsti bilen nagt däl görnüşinde geçirilen tölegler boýunça «Cash back» höweslendiriş hyzmatyň möçberiniň 2 göterim möçberinde ýokarlandyrylandygyny habar beräär.

Eziz ildeşler! Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky sizi amatly hem-de ygtybarly bank hyzmatlaryndan peýdalanmaga çagyrýar!

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:

Aşgabat şäheri: 38-02-20; 24-49-24; 38-02-83.
Ahal welaýaty: 8-00137-34-4-73.
Balkan welaýaty: 8-00246-5-15-88.
Daşoguz welaýaty: 8-00322-9-38-81.
Lebap welaýaty: 8-00422-9-08-39.
Mary welaýaty: 8-00522-6-76-32.

TEBIGY GAZY TYGŞYTLY WE HOWPSUZ ULANALYŇ!

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly syýasaty netijesinde türkmen halkynyň maddy hal-ýagdaýy has-da gowulandy. Şeýle eşretiň bir bölegi biziň öýlerimizdäki rahatlyk hem-de ýylylykdyr. Ýylylygyň hem esasy çeşmesi tebigy gaz bolup durýar, çünki tebigy gaz iň amatly ýangyç hökmünde bireýýämden bäri biziň öýlerimizde pugta ornaşdy. Ýöne welin, gazyň örän howply bolup durýandygyny asla unutmak bolmaz. Şonuň üçinem ony ulanan mahalyňyz örän seresap bolmaly, gazdan peýdalanmagyň howpsuzlyk düzgünleri sähelçe bozulan ýagdaýynda, diňe bir düýpli weýrançylyklara we ýitgilere däl, eýsem, adam pidalaryna hem duçar bolunýar. Hususan-da, şol düzgünleriň berjaý edilmezligi partlamalara, ýangynlara we ýanan gazdan emele gelen zäherli galyndylar bilen zäherlenmek ýaly hadysalara eltýär.

Gaz bilen baglanyşykly bolan betbagtçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygy üçin aşakdaky düzgünleri berjaý ediň:

— gaz enjamlaryny ulanmazdan ozal olaryň guratlygyny barlap görüň;

— gaz enjamynyň burmasyny (kranyny) açmazdan ozal ýakylgy otluçöpi ýa-da çakmagy oduň ýanýan ýerine (gorelkasyna) golaý eltiň;

— gaz enjamynyň howurpejinde ot ýakmazdan öňürti ony 2-3 minutlap ýelejiretmeli;

— gaz enjamlaryny ulanýan mahalyňyz penjireleri açyp goýuň;

— tüsseçykaryjysy bolan gaz enjamlaryny her gezek açan (işleden) mahalyňyz onuň tüsse çekişini barlamaly. Munuň üçin ýakylan otluçöpi ýa-da çakmagy ot ýanýan ýeriniň deşijegine golaý tutup görüň. Eger ýalyn telpejigiň (kolpagyň) aşagyna ýa-da ot ýanýan ýerine tarap sorulsa, onda turbanyň dartyşy bar, eger-de ýalyn bir gapdala sowulýan bolsa, onda turbanyň tüsse çekişiniň ýok boldugy. Gaz bilen zäherlenmezlik üçin şonuň ýaly dartyşy bolmadyk gaz enjamlaryndan peýdalanmak gadagandyr.

Gaz enjamlaryny ulanýanlara şu aşakdakylar gadagan edilýär:

— işläp duran, ýagny ýanyp duran gaz enjamlaryny gözegçiliksiz galdyrmak;

— kiçi ýaşly çagalara gaz enjamlaryndan peýdalanmaga ýol bermek;

— jaýlary gazlaşdyrmak işlerini rugsatsyz, özbaşdak geçirmek we gaz enjamlaryny gaýtadan oturtmak hem-de çalşyrmak;

— ýanýan oduň kömegi bilen gazyň syzýan ýerini gözlemek;

— jaýyň içini gyzdyrmak maksady bilen, gaz plitalaryndan peýdalanmak.

Gazyň ysy peýda bolan mahalynda şu aşakdaky çäreleri geçirmeli:

— haýal etmän, gaz enjamlaryndan peýdalanmagy bes etmeli we gaz enjamlaryna gelýän hem-de gaz enjamlaryndaky burmalary (kranlary) ýapmaly;

— içerä şemal çaldyrmak üçin penjireleri we gapylary açmaly;

